# Bir adamyñ emirden at dileýşi hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir adamyñ emirden at dileýşi hakynda hekaýat Bir adamyñ eemirden at dileýşi hakynda hekaýat

Bir kes şeýle diýdi emire garap:
«Bir at beräýmeseñ, meñ halym harap.

Özüñiz bilýäñiz bu uzak ýoly,
Gerek ol öýüme aşarym ýaly».

Emir diýdi: «Şol bolsa bar geregiñ,
Çal aty al, goý, derdiñe ýarasyn!»

«Haýyşym: şony bir berme, hökümdar,
«Är gorkan ýerinden» diýen nakyl bar.

Ömrüñ uzak bolsun, mertebäñ belent,
Götin ýöreýär ol, gylygna belet».

«Ondan gözüñ gorkan bolarly, meger,
Beýle bolsa, ters öwür-de sürüber.

Häkimleñ içinde (dogrymy diýsem)
Şol ata çalymdaş azmy nä eýsem?

Boluşlarna görä ýöredip ýörüs,
Biz-ä derdimize ýaradyp ýörüs…» Goşgular